

# TEWHIDIŇ DELILLERI

## Akydada 50 sorag we jogap.

Şeýhul-Yslam Muhammet bin Suleýmän

Terjime eden: Türkmen halk ogly.

Birinji çap

# Mazmuny


1-Ynsana bilmegi wäjyp bolan 3 asyl näme? ............................................4
2-Robbuň (Perwerdigäriň) kim? ...............................................................4
3-Rob (Perwerdigär) diýmegiň manysy näme? ........................................4
4-Robbuňy (Perwerdigäriňi) nädip tanadyň? ............................................5
5-Diniň näme?..............................................................................................6
6-Bu din haýsy zadyň üstüne guruldy?.....................................................7
7-Iýmän näme zat?........................................................................................7
8- Yhsan näme zat?.......................................................................................8
9- Pygamberiň kim?......................................................................................8
10-Näme zat bilen pygamber edildi we näme zat bilen resul edildi?.........9
11-Pygamberiň mugjyzasy näme?............................................................9
12-Muhammediň Allahyň resulydygyna näme delil? ...............................10
13-Muhammediň pygamberligine näme delil?.........................................11
14-Allah Muhammedi (Sallallahu aleýhi we sellem) näme bilen iberdi? 11
15-Rububiýe tewhidi bilen uluhiýe tewhidiniň tapawudy näme? ............13
16-Allahdan başga edilmeýän ybadatlaryň görnüşleri haýsylar? ............13
17-Allahyň iň esasy buýrugy we iň esasy uly gadan eden zady näme? ...13
18-Bilmesi we amal etmesi wajyp bolan 3 esas haýsylar?.......................14
19-Allah sözüniň manysy näme?..............................................................14
20-Allah seni näme üçin ýaratdy? ...........................................................15
21-Diňe Oňa ybadat etmek näme zat?......................................................15
22-Oňa näme delil?...................................................................................15
23-Allahyň bize ilkinji parz eden zady näme? .........................................15
24-“Berk tanap (hak din)” näme diýmek?................................................16
25-Bärdäki tassyk etmegiň we inkär etmegiň manysy näme?..................17
26-Buňa näme delil bar? ..........................................................................17
27-Näçe tagut bar? ...................................................................................17
28-Kelime şahadadan soňra in haýyrly ybadat näme? .............................18

29-Allah ýaradylanlary ölenlerinden soňra direldermi we olaryň eden haýyrly we erbet zatlary babatynda hasaba çekermi, boýun bolany Jennete we inkär edeni, Oňä şärik goşany dowsaha salarmy? .................19
30-Allahdan başganyň adyna damak çalan kim bolar? ...........................20
31-Şirk görnüşleri haýsylar?.................................................................20
32-Nifagyň näçe görnüşi bar we manysy näme?.....................................21
33-Yslam dininde ikinji dereje haýsy dereje? .........................................22
34-Iýmanda näçe şaha bar?.....................................................................22
35-Iýmanyň näçe rukuni (sütüni) bar?....................................................23
36-Yslam dininiň derejeleriniň üçinji derejesi haýsy? ............................23
37-Adamlara gaýtadan direldilenlerinden soňra, eden işlerine görä peşgeş ýada jeza berilermi?........................................................................23
38-Gaýtadan direlmegi ýalan göreniň hökümi näme?.............................24
39-Diňe Allaha ybadat etmeklerini we tagutlardan daşlaşmaklaryny buýrýan resul iberilmedik ymmat boldymy?...........................................24
40-Tewhidiň görnüşleri haýsylar? ..........................................................25
41-Allah maňa bir zat buýrsa maňa näme wajyp bolar? ..........................26
42-Eger ynsan Allahyň tewhid buýranyny we şirki gadagan edenini bilse, ýokarky derejerleri edýärmi?.................................................................26
43-Kufur näme we onuň görnüşleri? .......................................................27
44-Şirk näme we onuň görnüşleri?..........................................................30
46-Ýazgydyň ähli haýry we şeri Allahdanmy ýada ýok?.........................33
47-“Lä ilähe illallah”-yň manysy näme? .................................................34
48-Allahyň, bendelerine namazdan we rozadan ozal parz eden tewhidi näme? ....................................................................................................35
49-Sabyr edýän garyp has gowymy ýada şükür edýän baý, sabyr etmek we şükür etmek näme?.........................................................................35
50-Maňa näme wesýet etýän?...................................................................36

# 1-Ynsana bilmegi wäjyp bolan 3 asyl näme?

Jogap:

Bende Robbuny (Perwerdigärini), dinini we pygamberi Muhammedi (Sallallahu aleýhi we sellem) tanamagy, bilmegi.

# 2-Robbuň (Perwerdigäriň) kim?

Jogap:

Robbum (Perwerdigärim) meni we ähli älemi, ýaradylanlary nygmaty bilen ýaradan we (älem, jahana, gün-aýa, ýyldyrlara we başgalara) tertip, düzgün goýan. Diňe Ol ybadat edýänim, Ondan başga ybadat edýänim ýok. Buňa Allah Tagalanyň sözi delildir:

**“(Ähli) hamdy-senalar älemleriň Perwerdigäri Allaha mahsusdyr.”**

(Fatyha 2)

ٱلْحَمْدُ لِلَّهِ رَبِّ ٱلْعَٰلَمِينَ

Allahdan başga ähli zat älemdir (ýaradylandyr), menem şo älemden (ýaradylanlardan) biri.

# 3-Rob (Perwerdigär) diýmegiň manysy näme?

Jogap:

Ähli zadynyň Eýesi, ybadat edilýän, ähli zady Dolandyryjy we diňe Ol Ybadat edilmege mynasypdyr, haklydyr.

# 4-Robbuňy (Perwerdigäriňi) nädip tanadyň?

Jogap:

Aýatlarynyň (Onuň ýekedigini subutnamlaryň) we ýaradan zatlarynyň üsti bilen tanadym. (Olar bolsa) täsin-geň zatlary, gije-gündiz, gün-aý (we beýleki) ýaradan zatlary, asmanlar we ondakylar, ýerler we ondakylar we ol ikisiniň (asman bilen ýeriň) aralygyndakylar.

Buňa delil Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**“Gije bilen gündiz, Gün bilen Aý Onuň aýatlaryndandyr (Onuň bardygyna, ýekedigine ajaýyp subutnamalardyr). Eger-de diňe Allaha ybadat etýän bolsaňyz, Güne-de, Aýa-da sežde etmäň! Olary ýaradyp, bar eden Allaha sežde ediň!”**

(Fussilat 37)

وَمِنۡ ءَايَٰتِهِ ٱلَّيۡلُ وَٱلنَّهَارُ وَٱلشَّمۡسُ وَٱلۡقَمَرُۚ لَا تَسۡجُدُواْ لِلشَّمۡسِ وَلَا لِلۡقَمَرِ وَٱسۡجُدُواْۤ لِلَّهِ ٱلَّذِي خَلَقَهُنَّ إِن كُنتُمۡ إِيَّاهُ تَعۡبُدُونَ

Allah Tagala aýtdy:

**“Perwerdigäriňiz Allah asmanlary we ýeri alty günde ýaratdy, soň Arşyň üstüne galdy. Ol gije bilen gündizi örtýär, olar (ikisi) biri-biriniň yzynda üznüksiz hereketdedirler. Gün, Aý we ähli ýyldyzlar hemişe Onuň buýrugy bilen hereket edýärler. Şuny berk biliň, ýaratmak hem, emir etmek hem diňe Oňa mahsusdyr. Ol älemleriň Perwerdigäri bolan Allah nähili beýikdir.”**

(Agraf 54)

إِنَّ رَبَّكُمُ ٱللَّهُ ٱلَّذِي خَلَقَ ٱلسَّمَٰوَٰتِ وَٱلۡأَرۡضَ فِي سِتَّةِ أَيَّامٖ ثُمَّ ٱسۡتَوَىٰ عَلَى ٱلۡعَرۡشِۖ يُغۡشِي ٱلَّيۡلَ ٱلنَّهَارَ يَطۡلُبُهُۥ حَثِيثٗا وَٱلشَّمۡسَ وَٱلۡقَمَرَ وَٱلنُّجُومَ مُسَخَّرَٰتِۭ بِأَمۡرِهِۦٓۗ أَلَا لَهُ ٱلۡخَلۡقُ وَٱلۡأَمۡرُۗ تَبَارَكَ ٱللَّهُ رَبُّ ٱلۡعَٰلَمِينَ

# 5-Diniň näme?

Jogap:

Dinim Yslam we Yslam bolsa, diňe Ýeke täk Allaha boýun bolmak we boýun egmek.

Buňä delil bolsa Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**"Takyk, Allahyň ýanynda (hak) din yslamdyr."**

(Ali-Ymron 19)

**إِنَّ ٱلدِّينَ عِندَ ٱللَّهِ ٱلۡإِسۡلَٰمُۗ**

Allah Tagala aýtdy:

**"Kim yslamdan başga din gözlese, (bilip goýsun), ondan (başga din) hiç haçan kabul edilmez we ol ahyretde hem zyýana galanlardan bolar."**

(Ali-Ymron 85)

**وَمَن يَبۡتَغِ غَيۡرَ ٱلۡإِسۡلَٰمِ دِينٗا فَلَن يُقۡبَلَ مِنۡهُ وَهُوَ فِي ٱلۡأٓخِرَةِ مِنَ ٱلۡخَٰسِرِينَ**

Allah Tagala aýtdy:

**"Men bu gün siziň diniňizi (parzlary, halaly we haramy beýan edip) kämil, doly etdim we size (dini kämil etmek bilen) Öz nygmatymy doly berdim hem-de siziň yslam (dininde) bolmagyňyza razy boldum."**

(Maide 3)

**ٱلۡيَوۡمَ أَكۡمَلۡتُ لَكُمۡ دِينَكُمۡ وَأَتۡمَمۡتُ عَلَيۡكُمۡ نِعۡمَتِي وَرَضِيتُ لَكُمُ ٱلۡإِسۡلَٰمَ دِينٗاۚ**

# 6-Bu din haýsy zadyň üstüne guruldy?

Jogap:

Bäş sütüniň üstüne guruldy, ilkinjisi: Allahdan başga ybadata hakli hiç bir ilähiň ýokdygyna we Muhammediň Onuň hem gulydygyna, hem ilçisidigine şaýatlyk etmegiň. Namaz okamagyň. Zekat bermegiň. Remezanda agyz beklemegiň. Başarsaň haj etmegiň.

# 7-Iýmän näme zat?

Jogap:

Allaha, perişdelerine, kitaplaryna, ilçilerine (resullaryna) ahyrýet gününe, ýazgydyň haýryna we şerine[1] iýman etmegiň (berk ynanyp, diliň bilen tassyklap, daşgy organlaň bilen ýerne ýetirmegiň).

Buňa delil bolsa Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**“Pygamber öz Perwerdigäri tarapyndan özüne inderilen (Kurana) iman getirdi we möminler (hem iman getirdiler). Olaryň hemmesi Allaha, Onuň perişdelerine, kitaplaryna we pygamberlerine iman etdiler.”**

(Bakara 285)

ءَامَنَ ٱلرَّسُولُ بِمَآ أُنزِلَ إِلَيۡهِ مِن رَّبِّهِۦ وَٱلۡمُؤۡمِنُونَۚ كُلٌّ ءَامَنَ بِٱللَّهِ وَمَلَٰٓئِكَتِهِۦ وَكُتُبِهِۦ وَرُسُلِهِۦ

(1) Ýagny Allahyň haýyram we şerem ýazanyna, olary ýaradanyna iman etmek.

# 8- Yhsan näme zat?

Jogap:

Ol Allahy görýän ýaly Oňa ybadat etmegiň, sebäbi sen Ony görmeseňde Ol seni görýär.

Buňa delil bolsa Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**“Takyk, Allah takwa bolan we muhsyn[1] (ýagşylyk edýän dürs-dindar) kişiler bilen biledir.”**

(Nahl 128)

إِنَّ ٱللَّهَ مَعَ ٱلَّذِينَ ٱتَّقَواْ وَّٱلَّذِينَ هُم مُّحۡسِنُونَ

# 9- Pygamberiň kim?

Jogap:

Pygamberim Muhammet (Sallallahu aleýhi we sellem) bin Abdullah bin Abdulmuttalyb bin Häşim, Häşim bolsa Kuraýşdan, Kuraýş bolsa Kenäneden, Kenäne bolsa Arap, Arap bolsa Ybrahymyň ogly Ysmaýylyň zurriýetinden, Ysmaýyl bolsa Ybrahymyň neslinden, Ybrahym bolsa Nuhuň neslinden (Aleýhimusselem).

(1) Muhsyn- Yhsan edýän diýmek, ýagny Allahy görýän ýaly Oňa ybadat edýän, dini doly, dürs tutýan.

# 10-Näme zat bilen pygamber edildi we näme zat bilen resul edildi?

Jogap:

Alak surasynyň ilkinji aýatyndaky Allahyň **"Oka"** sözi bilen pygamber edildi, Muddessir surasy bilen bolsa resul (ilçi) edildi.

# 11-Pygamberiň mugjyzasy näme?

Jogap:

Mugjyzasy, ýaradylanlaryň bir surasy ýaly getirmekden, düzmekden ejiz gelen Kuran Kerimi. Näçe Kurana we oňa eýerenlere duşmançylyk etselerde, nähili dil taýdan güçli hem bolsalarda, içinde iň kiçi surasy ýaly hem özlerinden düzmegi başarmadylar.

Buňa deli bolsa, Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**"Eger siziň Biziň gulumyza (Muhammede) inderen zatlarymyza (Kurana) şübhäňiz bar bolsa, onda siz oňa (Kuranyň süresine) meňzeş bir süre getiriň we (size kömekleşmekleri üçin) Allahdan özge (ybadat edýän) şaýatlaryňyzy hem çagyryň! Eger dogruçyl bolsaňyz"**

(Bakara 23)

وَإِن كُنتُمۡ فِي رَيۡبٖ مِّمَّا نَزَّلۡنَا عَلَىٰ عَبۡدِنَا فَأۡتُواْ بِسُورَةٖ مِّن مِّثۡلِهِۦ وَٱدۡعُواْ شُهَدَآءَكُم مِّن دُونِ ٱللَّهِ إِن كُنتُمۡ صَٰدِقِينَ

Allah Tagala aýtdy:

**"(Eý, Muhammet!) Aýt: «Eger ynsanlar we jynlar bu Kuranyň meňzeşini getirmek üçin jemlenşseler hem, meňzeşini getirip**

**bilmezler. Hatda olar (bileleşip) biri-birlerine ýardam berseler hem (muny başaryp bilmezler).”**

(Isro 88)

قُل لَّئِنِ ٱجۡتَمَعَتِ ٱلۡإِنسُ وَٱلۡجِنُّ عَلَىٰٓ أَن يَأۡتُواْ بِمِثۡلِ هَٰذَا ٱلۡقُرۡءَانِ لَا يَأۡتُونَ بِمِثۡلِهِۦ وَلَوۡ كَانَ بَعۡضُهُمۡ لِبَعۡضٖ ظَهِيرٗا

# 12-Muhammediň Allahyň resulydygyna näme delil?

Jogap:

Allah Tagala aýtdy:

**“<u>Muhammet diňe bir ilçidir (resuldyr)</u>. Ondan öň hem (ençeme) ilçilerler (resullar) gelip geçipdi. Eger ol ölse ýa-da öldürilse, siz ökjeleriňiziň üstünde yza tesip, (öňki kapyrlygyňyza) dänmekçimi? Kim iki ökjesiniň üstünde yza tesip, (yslamdan) dänse, (bilip goýsun), ol hiç haçan Allaha zyýan berip bilmez. (Emma) Allah (dogry ýola) şükür edenleri bihasap sylaglar.”**

(Ali-Ymron 144)

وَمَا مُحَمَّدٌ إِلَّا رَسُولٞ قَدۡ خَلَتۡ مِن قَبۡلِهِ ٱلرُّسُلُۚ أَفَإِيْن مَّاتَ أَوۡ قُتِلَ ٱنقَلَبۡتُمۡ عَلَىٰٓ أَعۡقَٰبِكُمۡۚ وَمَن يَنقَلِبۡ عَلَىٰ عَقِبَيۡهِ فَلَن يَضُرَّ ٱللَّهَ شَيۡـٔٗاۗ وَسَيَجۡزِي ٱللَّهُ ٱلشَّٰكِرِينَ

Allah Tagala aýtdy:

**“<u>Muhammet Allahyň ilçisidir</u>. Onuň ýanyndaky (möminler) bolsa kapyrlara ýowuz, öz aralarynda bolsa (biri-birlerine) rehimlidirler. Sen olaryň, Allahyň pazly-keremini we razylygyny isläp, rukug we sežde edýändiklerini görersiň.”**

(Fath 29)

مُّحَمَّدٌ رَّسُولُ ٱللَّهِۚ وَٱلَّذِينَ مَعَهُۥٓ أَشِدَّآءُ عَلَى ٱلۡكُفَّارِ رُحَمَآءُ بَيۡنَهُمۡۖ تَرَىٰهُمۡ رُكَّعٗا سُجَّدٗا يَبۡتَغُونَ فَضۡلٗا مِّنَ ٱللَّهِ وَرِضۡوَٰنٗاۖ

# 13-Muhammediň pygamberligine näme delil?

Jogap:

Allah Tagala aýtdy:

**“Muhammet siziň araňyzdaky erkekleriň hiç haýsynyň atasy däldir. Ol Allahyň ilçisidir we pygamberleriň ahyrkysydyr.”**

(Azhab 40)

مَّا كَانَ مُحَمَّدٌ أَبَآ أَحَدٖ مِّن رِّجَالِكُمۡ وَلَٰكِن رَّسُولَ ٱللَّهِ وَخَاتَمَ ٱلنَّبِيِّـۧنَۗ

# 14-Allah Muhammedi (Sallallahu aleýhi we sellem) näme bilen iberdi?

Jogap:

Şärigi bolmadyk ýeke Allaha ybat etmek bilen, Allah bilen başga iläh tutulmazlyk bilen we Olary perişdelerden bolan, pygamberlerden bolan, solyhlardan (ýagşyzadalardan) bolan, daşdan-agaçdan bolan ýaradylanlara ybadat etmekden gadagan etmek bilen iberdi.

Allah Tagala aýtdy:

**“Biz senden öňki ilçilerimizi diňe: «Menden başga ybadata hakly hiç iläh ýokdur, diňe Maňa ybadat ediň» diýen wahyý bilen iberdik.”**

(Enbiýa 25)

وَمَآ أَرۡسَلۡنَا مِن قَبۡلِكَ مِن رَّسُولٍ إِلَّا نُوحِيٓ إِلَيۡهِ أَنَّهُۥ لَآ إِلَٰهَ إِلَّآ أَنَا۠ فَٱعۡبُدُونِ

Allah Tagala aýtdy:

**“Kasam bolsun! Biz her ymmata: «Diňe Allaha ybadat ediň we tagutdan (Allahdan başga ybadat edilýänden) daş boluň!» (diýip) resul (ilçi) iberdik.”**

(Nahl 36)

وَلَقَدۡ بَعَثۡنَا فِي كُلِّ أُمَّةٖ رَّسُولًا أَنِ ٱعۡبُدُواْ ٱللَّهَ وَٱجۡتَنِبُواْ ٱلطَّٰغُوتَۖ

Allah Tagala aýtdy:

**“Biz olara: «Senden öň iberilen resullarymyzyň (ymmatlaryndan) soraň! Rahmandan (Allahdan) özge ilählere ybadat ediň» diýipmidik?”**

(Zuhruf 45)

وَسۡـَٔلۡ مَنۡ أَرۡسَلۡنَا مِن قَبۡلِكَ مِن رُّسُلِنَآ أَجَعَلۡنَا مِن دُونِ ٱلرَّحۡمَٰنِ ءَالِهَةٗ يُعۡبَدُونَ

Allah Tagala aýtdy:

**“Men jynlary we ynsanlary diňe Özüme ybadat etmeklerinden başga (zat üçin) ýaratdym”**

(Zariýat 56)

وَمَا خَلَقۡتُ ٱلۡجِنَّ وَٱلۡإِنسَ إِلَّا لِيَعۡبُدُونِ

Bulardan soňra, Allah Tagalanyň mahluklary diňe Özüni birläp ybadat edilmegi üçin ýaradany bilinýär. Bu sebäpli hem resullaryny bu zatlary bendelerine buýrmak üçin iberdi.

# 15-Rububiýe tewhidi bilen uluhiýe tewhidiniň tapawudy näme?

Jogap:

Rububiýe tewhidi- Allahyň işi, meselem: Ýaratmak, ryzk bermek, öldürmek, direltmek, ýagyş ýagdyrmak, ösümlikleri çykarmak, ähli zady dolandyrmak.

Uluhiýe tewhidi- Bendäniň işi, meselem: Doga etmek, gorkmak, umyt etmek, bil baglamak, dolanmak, gowy görmek, çekinmek, nezir etmek, kynçylykda kömege çagyrmak we beýleki ybadatlaryň görnüşleri.

# 16-Allahdan başga edilmeýän ybadatlaryň görnüşleri haýsylar?

Jogap:

Olardan: Doga etmek, çagyrmak, kynçylykda kömege çagyrmak, kömek soramak, damak çalmak, nezir etmek, gorkmak, umyt etmek, bil baglamak, dolanmak (dönmek), söýmek, huşuwlylyk, gowy görmek, çekinmek, iläh tutunmak, rukug etmek, sejde etmek, peselmek, ilählige has bolan tagzymlamak.

# 17-Allahyň iň esasy buýrugy we iň esasy uly gadan eden zady näme?

Jogap:

Allahyň iň esasy buýrugy, Ony birläp ybadat etmek we iň esasy uly gadagan eden zady, Oňa bir zady ýada birni şärik etmek. Ol (şärik etmek) bolsa, Allah bilen başgany çagyrmak, ybadatlaryň birini Allahdan başga etmek, kim Allahdan başga ybadatlardan biri etse, şony özüne rob we iläh tutundygydyr. (Bu bolsa) Allahdan başgany Oňa şärik etmegi ýada ybadatyň birini Allahdan başga etmegidir.

## 18-Bilmesi we amal etmesi wajyp bolan 3 esas haýsylar?

Jogap:

1-Allah bizi ýaratdy, ryzk berdi, bulardan soňra bizi boşuna, hasap-hesipsiz goýmajagy anyk. Bu sebäpli hem, bize ilçi ugratdy, kim resula boýun bolsa Jennete girer, kim boýun bolmasa Oda girer.

2-Allah Tagala golaýladylan perişde bolsun ýa iberlen pygamber bolsun tapawudy ýok Oňä ybadat edilende birniň hem şärik goşulmagyna razy bolmaz.

3-Allahy birläne we resula boýun bolana, Allaha we resulyna garşy gideni iň golaýlaryndan bolsada söýüp oňa (dine we yslama garşy) arka çykmaz.

## 19-Allah sözüniň manysy näme?

Jogap:

Bendeleriniň diňe Özüne ybadat ekmeklerine hakly bolan.

# 20-Allah seni näme üçin ýaratdy?

Jogap:

Diňe Oňa ybadat etmegim üçin ýaratdy.

# 21-Diňe Oňa ybadat etmek näme zat?

Jogap:

Ony birlemek we Oňa boýun bolmak.

# 22-Oňa näme delil?

Jogap:

Allah Tagala aýtdy:

**“Men jynlary we ynsanlary diňe Özüme ybadat etmeklerinden başga (zat üçin) ýaratmadym”**

(Zariýat 56)

وَمَا خَلَقْتُ ٱلْجِنَّ وَٱلْإِنسَ إِلَّا لِيَعْبُدُونِ

# 23-Allahyň bize ilkinji parz eden zady näme?

Jogap:

Tagutlary (Allahdan başga ybadat edilýänleri) inkär etmek we Allaha iýman etmek.

Buňa delil bolsa, Allah Tagalanyň sözi:

**“Dinde (hiç bir) mejburlyk ýokdur. Dogrulyk egrilikden (aýdyň) tapawulandyrylandyr. Kim taguty (Allahdan başga ybadat edilýäni) inkär edip, Allaha iman etse, ol üzülmeýän berk tanapa (hak dine) ýapyşandyr. Allah (ähli zady) eşidýändir, bilýändir.”**

(Bakara 256)

لَآ إِكۡرَاهَ فِي ٱلدِّينِۖ قَد تَّبَيَّنَ ٱلرُّشۡدُ مِنَ ٱلۡغَيِّۚ فَمَن يَكۡفُرۡ بِٱلطَّٰغُوتِ وَيُؤۡمِنۢ بِٱللَّهِ فَقَدِ ٱسۡتَمۡسَكَ بِٱلۡعُرۡوَةِ ٱلۡوُثۡقَىٰ لَا ٱنفِصَامَ لَهَاۗ وَٱللَّهُ سَمِيعٌ عَلِيمٌ

# 24-“(Ýokarky aýatdaky) Berk tanap (hak din)” näme diýmek?

Jogap:

Allahdan başga ybadata hakly hiç bir iläh ýok, ine şu hak din.

Manysy:

**Allahdan başga-** Ybadat diňe Allaha edilmelidigni tassyk, ykrar etmek,

**hiç bir iläh ýok-** Ybadat etmeklige mynasyp, hakly ilähiň ýokdygyny aýdyp, inkär etmek.

Diýmek kelime şahadanyň manysy tassyk etmek we inkär etmek, ýagny ybadatlary diňe Allaha edilýänini tassyk etmek, Ondan galanyna ybadat edilmegini inkär etmek.

# 25-Bärdäki tassyk etmegiň we inkär etmegiň manysy näme?

Jogap:

Allahdan başga ähli ybadat edilýäni inkär etmek we ybadaty şärigi bolmadyk diňe ýeke täk Allaha edilmegini tassyk etmek.

# 26-Buňa näme delil bar?

Jogap:

**“Ybraýym kakasyna we kowumyna ýüzlenip: «Men siziň meni Ýaradanyndan başga ybadat edýän zatlaryňyzdan juda daşdadyryn! Takyk, Ol meni dogry ýola salýar» diýipdi.”**

(Zuhruf 26-27)

وَإِذۡ قَالَ إِبۡرَٰهِيمُ لِأَبِيهِ وَقَوۡمِهِۦٓ إِنَّنِي بَرَآءٞ مِّمَّا تَعۡبُدُونَ ٢٦ إِلَّا ٱلَّذِي فَطَرَنِي فَإِنَّهُۥ سَيَهۡدِينِ

Inkär etmeklige delil: **“ybadat edýän zatlaryňyzdan juda daşdadyryn”**

Tassyk etmeklige delil: **“meni Ýaradanyndan başga”**

# 27-Näçe tagut bar?

Jogap:

Olar köp, başlary 5 sany, olar:

-Iblis (Allah ony lagnatlasyn)

-Razy halynda özüne ybadat edilýän.

-Adamlary özüne ybadat etmeklerine çagyrýan.

-Gaýyby bilýän diýýän.

-Allahyň indereni bilen höküm etmeýän.

# 28-Kelime şahadadan soňra in haýyrly ybadat näme?

Jogap:

Iň haýyrlysy 5 wagt namaz, onuň hem şertleri, rukunleri we wajyplary bardyr, iň uly şertleri, olar:

Namaz okaýan musulman bolmagy, akylly bolmagy (akylsyz-däli bolmasyzlygy), agy-garany saýgarýan bolmagy, täretli bolmagy, nejasadan arassa bolmagy, owrat ýerlerini örtmegi, (namaza başlamanka) kybla bakmagy, namazyň wagty giren bolmagy, niýeti bolmagy.

14 sany rukuni bardyr, olar:

Başarýan dik durup okamak, namaza başlanda “Allahu ekber” (ihrom tekbirini) diýmek, Fatyha surasyny (her rekagatda) okamak, rukug etmek, (soňra) ondan dikelmek, 7 agza sejde etmek, (soňra) gönelmek, iki sejdäniň arasynda oturmak, bu sanalanlary ählisini howlukman, arkaýyn ýerne ýetirmek, tertibini üýtgetmän, tertibe görä okamak, ahyrky teşşehhud, teşşehhud okanyňda oturan halda bolmak, pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) salawat aýtmak, salam bermek.

Wajyplar 8 sany, olar:

Namaza başlanyňdaky tekbirden (Allahu ekber diýmekden) galan tekbirler, rukugda “Subhane Robbil-azyym” diýmek, ymam we ýeke okaýana rukugdan galanda “semi-Allahu limen hamidäh” diýmek,

ymama uýan we ýeke okaýan “Robbenä welekel-hamd” diýmek, sejdede “Subhane Robbil-aglä” diýmek, iki sejdäniň aralygynda oturlanda “Robbigfirli” diýmek, 3 we 4 rekagatly namazlarda ilkinji teşehhud okamak, ony oturyp okamak. Şu sanalananlardan galany namazyň sözlerden we amallardan bolan sünnetleri.

# 29-Allah ýaradylanlar ölenlerinden soňra direldermi we olaryň eden haýyrly we erbet zatlary babatynda hasaba çekermi, boýun bolany Jennete we inkär edeni, Oňä şärik goşany dowsaha salarmy?

Jogap:

Hawa, buňa delil bolsa, Allah Tagala aýtdy:

**“Kapyrlar ölenlerinden soň hiç haçan direlmezler öýtdüler. (Olara): «Ýok, Perwerdigärime kasam bolsun! Siz (hökman) täzeden direldilersiňiz. Soň size eden işleriňiz (ýekeme-ýeke) habar berler. Bu Allah üçin (juda) aňsatdyr» diýip aýt.”**

(Tagabun 7)

زَعَمَ ٱلَّذِينَ كَفَرُوٓاْ أَن لَّن يُبۡعَثُواْۚ قُلۡ بَلَىٰ وَرَبِّي لَتُبۡعَثُنَّ ثُمَّ لَتُنَبَّؤُنَّ بِمَا عَمِلۡتُمۡۚ وَذَٰلِكَ عَلَى ٱللَّهِ يَسِيرٞ

Allah Tagala aýtdy:

**“Sizi ondan (toprakdan) ýaratdyk, şol ýere hem gaýtararys we ýene-de bir gezek ondan çykararys”**

(Taha 55)

مِنۡهَا خَلَقۡنَٰكُمۡ وَفِيهَا نُعِيدُكُمۡ وَمِنۡهَا نُخۡرِجُكُمۡ تَارَةً أُخۡرَىٰ

Kuran Kerimde buňa bolan deliller sanamakdan diýsen kän.

# 30-Allahdan başganyň adyna damak çalan kim bolar?

Jogap:

Beýle eden murted[1], kapyr bolar. Çalan damagynyň eti iýilmez, sebäbi ol eti iýmekden iki sany gadagan edýän zat jemlenen, olar:

1-Malyň damagyny mürted (dyndan çykan) çaldy, mürtediň damagyny çalan malynyň etini iýmek bir agyzdan (ijmag bilen) bolmaýar.

2- Allahdan başganyň adyna çaldy. Allah Tagala şu aýatda ony haram etdi:

**“(Eý, Muhammet!) Aýt: «Maňa wahyý edilenleriň arasynda (Kuranda) bir kişiniň iýýän zatlarynyň arasynda läş, damak gan, nejisdigine hiç şübhe bolmadyk doňuz eti ýa-da Allahdan başgasynyň adyna damagy çalnan maldan başga haram edilen zat tapmaýaryn.”**

(Angam 145)

قُل لَّآ أَجِدُ فِي مَآ أُوحِيَ إِلَيَّ مُحَرَّمًا عَلَىٰ طَاعِمٍ يَطْعَمُهُۥٓ إِلَّآ أَن يَكُونَ مَيْتَةً أَوْ دَمًا مَّسْفُوحًا أَوْ لَحْمَ خِنزِيرٍ فَإِنَّهُۥ رِجْسٌ أَوْ فِسْقًا أُهِلَّ لِغَيْرِ ٱللَّهِ بِهِۦ

# 31-Şirkiň görnüşleri haýsylar?

(1) Murted- dinden çykan.

Jogap:

Onuň görnüşleri: Ölenlerden hajatyňy dilemek, olardan kömek soramak, olara (hajatyňy tama edip) ýüzlenmek. Ine bular adamlaryň şirkiniň esasysy. Sebäbi öleniň amaly depderi ýapyldy, özüne ne haýyr getirip bilýär, nede geljek beläni dep edip bilýär, ony kömege çagyryp, şepagatçy bolmagyny isleýaniň gürrüňinem edip oturmagyň geregi ýok, sebäbi bu şepagatyň Eýesini we diňe Onuň ýanynda şepagat edilýäni bilmedi, tanamady. Allah Tagalanyň ýanynda, Ol (Allah) rugsat bermese hiç kim şepagat edip bilmez. Allah Tagala bolsa Özünden başgadan şepagat soramagy Özüniň rugsat berjegine sebäp etmedi. Rugsat bereginiň diňe ýeke sebäbi doly tewhid (Allahy ybadatda birlemek), gaýtam Allahdan başgadan şepagat dilän, müşrik şepagatdan mahrum bolar.

Şirk iki görnüş: Dinden çykarýan uly şirk we dinden çykarmaýan kiçi şirk, buňa mysal bolsa: riýa.

# 32-Nifagyň näçe görnüşi bar we manysy näme?

Jogap:

Nifagyň iki görnüşi bar, ynanç nifagy we amal nifagy.

Ynanç nifagy: Bu Kuranda birden köp ýerde agzalan bolup, Allah olary Oduň iň aşakky gatyna hökman salar.

Amal nifagy: Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) sözünde geldi:

**“4 (zat) kimden tapylsa arassa (amalynda) mynafyk bolar: (olar:) Egerde (bir zat) ynalynsa hyýanat eder, geplese ýalan sözlär wada etse wadasynda tapylmaz we jedelleşse haramlyk eder. Kimde şulardan biri tapylsa, tä ony taşlaýança onda nyfagyň häsýeti boldygy bolar”**

(Buhary we Muslim)

"أَرْبَعٌ مَنْ كُنَّ فِيهِ كَانَ مُنَافِقًا خَالِصًا، وَمَنْ كَانَتْ فِيهِ خَصْلَةٌ مِنْهُنَّ كَانَتْ فِيهِ خَصْلَةٌ مِنَ النِّفَاقِ حَتَّى يَدَعَهَا: إِذَا اؤْتُمِنَ خَانَ، وَإِذَا حَدَّثَ كَذَبَ، وَإِذَا عَاهَدَ غَدَرَ، وَإِذَا خَاصَمَ فَجَرَ"

**Başga hadysda:**

**“Mynafygyň alamaty üçdir, (olar:) egerde gurlese ýalan sözlär, wada berse wadasynda tapylmaz, bir zat ynanylsa hyýanat eder”**

(Buhary we Muslim)

“آيَةُ الْمُنَافِقِ ثَلَاثٌ : إِذَا حَدَّثَ كَذَبَ، وَإِذَا وَعَدَ أَخْلَفَ، وَإِذَا اؤْتُمِنَ خَانَ”

Käbir Hormatly Alymlar aýtdy:

“Bu nifag Yslamyň esasy bilen bir kalpda jemlenip biler, egerde nifak kalba doly höküm etse we dolsa, bunyň eýesi yslamdan doly çykar, rozada tutup, namaz okasada, özüne musulman diýsede. Sebäbi iýmän beýle zady inkär edýär. Nifag kalpda doly bolsa, onda nifaga garşy durjak iýman galmaz, beýle kişi bolsa arassa mynafyk bolar.”

# 33-Yslam dininde ikinji dereje haýsy dereje?

Jogap:

Iýman.

# 34-Iýmanda näçe şaha bar?

Jogap:

Onuň sany ýetmişden gowrak, iň beýigi “Lä ilähe illallah (Allahdan başga ybadata hakly hiç bir iläh ýok)” we iň pesi ýoldan päsgel, ezýet berýän zady aýyrmak. Utaňjaňlyk hem iýman şahasyndandyr.

# 35-Iýmanyň näçe rukuni (sütüni) bar?

Jogap:

6 rukuni bar, olar:

Allaha, perişdelerine, kitaplaryna, resullaryna, ahyret gününe, ýazgydyň haýryna we şerine iman etmegiň.

# 36-Yslam dininiň derejeleriniň üçinji derejesi haýsy?

Jogap:

Yhsan, onuňam bir rukuni bar, olam: Allahy görýän ýaly ybadat etmegiň, sen Ony görmeseňem Ol seni görýändir.

# 37-Adamlara gaýtadan direldilenlerinden soňra, eden işlerine görä peşgeş ýada jeza berilermi?

Jogap:

Hawa, olara işlerine görä peşgeş, sylag ýada jeza beriler. Buňa delil, Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**“(Allah) erbetlik edenlere eden işleri sebäpli jeza berer, ýagşylyk edenlere hem iň gowy görnüşde sylag berer.”**

(Najm 31)

لِيَجْزِيَ ٱلَّذِينَ أَسَٰٓـُٔواْ بِمَا عَمِلُواْ وَيَجْزِيَ ٱلَّذِينَ أَحْسَنُواْ بِٱلْحُسْنَى

## 38-Gaýtadan direlmegi ýalan göreniň hökümi näme?

Jogap:

Ol kapyr, delil bolsa, Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**"Kapyrlar ölenlerinden soň hiç haçan direlmezler öýtdüler. (Olara): «Ýok, Perwerdigärime kasam bolsun! Siz (hökman) täzeden direldilersiňiz. Soň size eden işleriňiz (ýekeme-ýeke) habar berler. Bu Allah üçin (juda) aňsatdyr» diýip aýt."**

(Tagabun 7)

زَعَمَ ٱلَّذِينَ كَفَرُوٓاْ أَن لَّن يُبْعَثُواْۚ قُلْ بَلَىٰ وَرَبِّي لَتُبْعَثُنَّ ثُمَّ لَتُنَبَّؤُنَّ بِمَا عَمِلْتُمْۚ وَذَٰلِكَ عَلَى ٱللَّهِ يَسِيرٌ

## 39-Diňe Allaha ybadat etmeklerini we tagutlardan daşlaşmaklaryny buýrýan resul iberilmedik ymmat boldymy?

Jogap:

Resul iberilmedik ýekede ymmat bolmady, Allah ählijesine resul iberdi, buňa delil bolsa, Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**"Kasam bolsun! Biz her ymmata: «diňe Allaha ybadat ediň, tagutdan (Allahdan başga ybadat edilýänlerden) daş boluň!» (diýip) resul (ilçi) iberdik"**

(Nahl 36)

وَلَقَدْ بَعَثْنَا فِي كُلِّ أُمَّةٍ رَّسُولًا أَنِ ٱعْبُدُواْ ٱللَّهَ وَٱجْتَنِبُواْ ٱلطَّٰغُوتَۖ

# 40-Tewhidiň görnüşleri haýsylar?

1- Rububiýýe tewhidi, buny bolsa, kapyrlaram ykrar etdiler.

Allah Tagala aýtdy:

**“«Size asmandan we ýerden rysgal berýän kim ýa-da gulaklara we gözlere eýelik edýän kim?! Kim ölüden dirini çykarýar we diriden ölüni çykarýar hem-de kim (ähli) işleri dolandyrýar?» (diýeniňde), olar şolbada: «Allah» diýerler. (Eý, Muhammet! Sen olara) aýt: «Eýsem, (siz Allaha şärik goşmakdan we Oňa boýun bolmazlykdan) gorkmaýarsyňyzmy?»”**

(Ýunus 31)

قُلۡ مَن يَرۡزُقُكُم مِّنَ ٱلسَّمَآءِ وَٱلۡأَرۡضِ أَمَّن يَمۡلِكُ ٱلسَّمۡعَ وَٱلۡأَبۡصَٰرَ وَمَن يُخۡرِجُ ٱلۡحَيَّ مِنَ ٱلۡمَيِّتِ وَيُخۡرِجُ ٱلۡمَيِّتَ مِنَ ٱلۡحَيِّ وَمَن يُدَبِّرُ ٱلۡأَمۡرَۚ فَسَيَقُولُونَ ٱللَّهُۚ فَقُلۡ أَفَلَا تَتَّقُونَ

2-Uluhyýýe tewhidi, ýeke Allahy ähli ýaradylanlardan päklap, diňe Oňa arassa ybadat etmek. Sebäbi arap dilinde iläh diýip ybadat edilýän zada aýdylýar, şonuň üçin: “Allah Tagala ilähleriň ilähi” diýerdiler, ýöne welin, Allah bilen salyh kişilerden we perişdelerden bolanlary iläh edinip şirke düşdiler, käbirleri bolsa: “Allah Tagala biziň şeýle etmegmizden razy, bular bize Allah bilen aramyzda ortalyk” diýerdiler.

3-Sypat (wasp) tewhidi. Sypat (wasp) tewhidini ykrar edilmese, rububiýe tewhidi we uluhyýe tewhidi dürs bolmaz. Käbir kapyrlar Allahyň wasplaryny inkär edenlerden has akylly.

# 41-Allah maňa bir zat buýrsa maňa näme wajyp bolar?

Jogap:

Saňa 7 derede wajyp bolar, olar:

1nji dereje-Buýrugy bilmek.

2nji dereje-Buýrugy söýmek.

3nji dereje-Buýrugy etmegi karar bermek.

4nji dereje-Ona amal etmek.

5nji dereje-Dine göra dogry, arassa etmek.

6njy dereje-Ony puja çykarýandan ägä bolmak.

7nji dereje-Ýankyda gaýym bolmak.

# 42-Eger ynsan Allahyň tewhid buýranyny we şirki gadagan edenini bilse, ýokarky derejerleri edýärmi?

Jogap:

1nji dereje: Köp adam tewhidiň hakdygyny we şirkiň batyldygyny bildiler, ýöne ondan ýüz öwürdiler, ol barada soramadylar. Allahyň süýthorlygy (prosenti) haram edenini bildiler, söwda-satyk etdiler ol barada soramadylar.

2nji dereje: Allahyň inderenini söýmek, ony ýigrenmek bolsa kufur. Köp adam resuly söýmediler, üsti-üstünede Allahyň inderenini bilselerde resuly we onuň getiren zadyny ýigrendiler.

3nji dereje: Buýrugy etmegi karar bermek. Köp adam bildi, söýdi, ýöne dünýäsiniň üýtgemeginden gorkup etmege karar bermedi.

4-nji dereje: Amal etmek. Adamlaryň köpüsi amal etmegi ýüregine düwýär ýada amal edýär, haçanda onuň sylaýan alymy ýada başga bir ondan daşlaşsa, amal etmän terk edýär.

5-nji dereje: Köp adam amal edenlerden bolsada, amaly arassa Allah üçin edilen halda bolmaýar.

6njy dereje: Salyh kişiler amallarynyň puç bolmagyndan gorkýarlar, Allah Tagala aýtdy:

**“eden amallaryňyz puja çykar, siz hem (ony) duýman galarsyňyz.”**

(Hujurot 2)

أَن تَحْبَطَ أَعْمَٰلُكُمْ وَأَنتُمْ لَا تَشْعُرُونَ

Bular zamanamyzda iň azlar.

7nji dereje: Hakda gaýym durmak, erbetlik bilen (ömri) soňlanmakdan gorkmak. Bu hem soluh kişileriň iň erbet gorkýan zatlary.

# 43-Kufur näme we onuň görnüşleri?

Jogap:

Kufur iki görniş:

1-Dinden çykarýan kufur, bulam 5 görnüş:

<u>A-Ýalan görme kufuri.</u>

Allah Tagala aýtdy:

**“Allahyň adyna ýalan ýöňkänden ýa-da gelen wagty Haky (Kurany) ýalan görenden has zalym kim bolup biler? Heý-de, dowzahda kapyrlara ýer bolmazmy?”**

(Ankabut 68)

وَمَنْ أَظْلَمُ مِمَّنِ ٱفْتَرَىٰ عَلَى ٱللَّهِ كَذِبًا أَوْ كَذَّبَ بِٱلْحَقِّ لَمَّا جَآءَهُۥٓ ۚ أَلَيْسَ فِى جَهَنَّمَ مَثْوًى لِّلْكَٰفِرِينَ

B-Ynanan haldada tekebbirlik we kabul etmezlik kufri.

Allah Tagala aýtdy:

**“Biz perişdelere: «Adama (hormat edip) sežde ediň!» diýenimizde, Iblisden galany (hemme perişdeler) sežde etdiler. Ol (Iblis) ýüz öwrüp, tekepbirlik etdi we (netijede) kapyrlardan boldy.**

(Bakara 34)

وَإِذْ قُلْنَا لِلْمَلَٰٓئِكَةِ ٱسْجُدُوا۟ لِءَادَمَ فَسَجَدُوٓا۟ إِلَّآ إِبْلِيسَ أَبَىٰ وَٱسْتَكْبَرَ وَكَانَ مِنَ ٱلْكَٰفِرِينَ

Ç- Şeklenme kufri.

Allah Tagala aýtdy:

**“(Şeýdip) ol (men-menlik bilen) öz-özüne zulum edip, bakjasyna girdi. (Ol): «Bu (bag-bakjam) hiç wagt hem harap bolar öýdüp pikir etmeýärin. Kyýamat hem gopar öýdemok. Eger Perwerdigärime gaýtarylyp eltilsem, (ol ýerde) hökman mundan hem has gowy netije (ajaýyp ýaşaýyş) taparyn» diýdi. Ýoldaşy onuň bilen jedelleşip: «Seni (ilki) toprakdan, soň bir damja erkeklik suwundan ýaradan, soň bolsa seni adam (keşbinde) janlandyran (Perwerdigäriňe näşükür bolup) Ony inkär edýärmiň?”**

(Kahf 35-37)

وَدَخَلَ جَنَّتَهُۥ وَهُوَ ظَالِمٌ لِّنَفْسِهِۦ قَالَ مَآ أَظُنُّ أَن تَبِيدَ هَٰذِهِۦٓ أَبَدًا ﴿٣٥﴾ وَمَآ أَظُنُّ ٱلسَّاعَةَ قَآئِمَةً وَلَئِن
رُّدِدتُّ إِلَىٰ رَبِّى لَأَجِدَنَّ خَيْرًا مِّنْهَا مُنقَلَبًا ﴿٣٦﴾ قَالَ لَهُۥ صَاحِبُهُۥ وَهُوَ يُحَاوِرُهُۥٓ أَكَفَرْتَ بِٱلَّذِى خَلَقَكَ
مِن تُرَابٍ ثُمَّ مِن نُّطْفَةٍ ثُمَّ سَوَّىٰكَ رَجُلًا

D- Ýüz öwürme kufri.

Allah Tagala aýtdy:

**“kapyrlar (özlerine) duýdurylan zatdan (kyýamat gününden) ýüz öwürýärler.”**

(Ahkaf 3)

وَٱلَّذِينَ كَفَرُوا۟ عَمَّآ أُنذِرُوا۟ مُعْرِضُونَ

Ý-Nifak kufri.

Allah Tagala aýtdy:

**“Munuň sebäbi olar (ilki) iman getirendiklerini (aýtdylar), soň bolsa inkär etdiler. Şonuň üçin hem olaryň kalplary möhürlendi. Bes, olar (hakykata) düşünip bilmezler.”**

(Munafykun 3)

ذَٰلِكَ بِأَنَّهُمْ ءَامَنُوا۟ ثُمَّ كَفَرُوا۟ فَطُبِعَ عَلَىٰ قُلُوبِهِمْ فَهُمْ لَا يَفْقَهُونَ

2- Dinden çykarmaýan kiçi kufur. Bu bolsa nygmaty inkär etmek, näşükürlik etmek( nygmat kufri).

Allah Tagala aýtdy:

**“Allah bir şäheri (Mekgäni) mysal getirdi. Ol asuda, eşretli şäherdi. Her tarapdan rysgaly bol-elin gelip durardy. (Ýöne şäher ilaty) Allahyň nygmatlaryna näşükürlik etdiler. Allah, olaryň eden işleri**

**sebäpli, ol (şäheriň halkyna) açlyk we howp lybasyny (belasyny) datdyrdy.”**

(Nahl 112)

وَضَرَبَ ٱللَّهُ مَثَلًا قَرْيَةً كَانَتْ ءَامِنَةً مُّطْمَئِنَّةً يَأْتِيهَا رِزْقُهَا رَغَدًا مِّن كُلِّ مَكَانٍ فَكَفَرَتْ بِأَنْعُمِ ٱللَّهِ فَأَذَٰقَهَا ٱللَّهُ لِبَاسَ ٱلْجُوعِ وَٱلْخَوْفِ بِمَا كَانُوا۟ يَصْنَعُونَ

Allah Tagala aýtdy:

**“Elbetde, ynsan örän zalymdyr, diýseň näşükürdir.”**

(Ybragym 34)

إِنَّ ٱلْإِنسَٰنَ لَظَلُومٌ كَفَّارٌ

# 44-Şirk näme we onuň görnüşleri?

Tewhid, şirkiň garşydaşydygyny bilginiň. Şirk 3 bölekdir, olar:

1-Ulu şirk,

2-Kiçi şirk,

3-Gizlin şirk.

**1-Uly şirk**, bu hem 4 bölek:

A-Dogada (dilegde) şirk (ýagny dogada Allaha şärik goşmak).

Allah tagla aýtdy:

**“Olar gämä münenlerinde (gark bolmakdan gorksalar), arassa diňe Allahdan çyn yhlas bilen dileg ederler, ýalbararlar. Allah olary halas edip, gury ýere (kenara) çykaran badyna bolsa, olar eýýäm Allaha şärik goşýarlar.”**

(Ankabut 65)

فَإِذَا رَكِبُواْ فِى ٱلْفُلْكِ دَعَوُاْ ٱللَّهَ مُخْلِصِينَ لَهُ ٱلدِّينَ فَلَمَّا نَجَّىٰهُمْ إِلَى ٱلْبَرِّ إِذَا هُمْ يُشْرِكُونَ

B-Niýetde, maksatda şirk.

Allah Tagala aýtdy:

**“Kim (diňe) şu dünýä ýaşaýşyny we onuň zynatyny islese, onda (dünýäde) çeken zähmetlerini doly ödäris we olar ol ýerde (dünýäde) zyýana duçar edilmezler. Ol kişiler üçin ahyretde otdan başga zat ýokdur. (Olaryň) onda (dünýäde) eden ähli zatlary puç boldy. Eden işleriniň ählisi boş çykdy.”**

(Hud 15-16)

مَن كَانَ يُرِيدُ ٱلْحَيَوٰةَ ٱلدُّنْيَا وَزِينَتَهَا نُوَفِّ إِلَيْهِمْ أَعْمَٰلَهُمْ فِيهَا وَهُمْ فِيهَا لَا يُبْخَسُونَ ۝١٥ أُوْلَٰٓئِكَ ٱلَّذِينَ لَيْسَ لَهُمْ فِى ٱلْءَاخِرَةِ إِلَّا ٱلنَّارُ ۖ وَحَبِطَ مَا صَنَعُواْ فِيهَا وَبَٰطِلٌ مَّا كَانُواْ يَعْمَلُونَ

Ç-Boýun bolmakda şirk.

Allah Tagala aýtdy:

**“(Ýahudylar) ahbarlaryny (ruhanylaryny), (nasranylar hem) ruhbanlaryny (monahlaryny) Allahdan başga perwerdigär edindiler(1). Ýogsa olara ýeke-täk Ilähe (Allaha) ybadat etmekleri emir edilipdi. Ondan başga (ybadata laýyk, hakly) Ilä h ýokdur. Ol (Allah) olaryň şärik goşýan zadyndan päkdir.”**

(Toba 31)

ٱتَّخَذُوٓاْ أَحْبَارَهُمْ وَرُهْبَٰنَهُمْ أَرْبَابًا مِّن دُونِ ٱللَّهِ وَٱلْمَسِيحَ ٱبْنَ مَرْيَمَ وَمَآ أُمِرُوٓاْ إِلَّا لِيَعْبُدُوٓاْ إِلَٰهًا وَٰحِدًا ۖ لَّآ إِلَٰهَ إِلَّا هُوَ ۚ سُبْحَٰنَهُۥ عَمَّا يُشْرِكُونَ

D-Söýgüde şirk.

Allah Tagala aýtdy:

**“Ynsanlardan käbiri Allahdan başgalaryny hem Oňa deň tutup, olary, göýä, Allahy söýýän ýaly söýýärler. (Emma) iman getirenleriň**

(1) Pygambermiz bu aýaty hristiýan we ýehudylar, başlarynyň Allahyň haram edenini halal etseler we Allahyň halal edenini haram etseler, şu zatda boýun bolup, kabul edipdiler.

**Allaha bolan söýgüsi olaryňkydan has güýçlüdir. Käşgä, (Allaha şärik goşup, özlerine) zulum edenler (ahyretdäki) azaby gören wagtlary (göz ýetirişleri ýaly) ähli güýç-kuwwatyň Allahyňkydygyna we Allahyň azabynyň örän ýowuzdygyna göz ýetirsediler."**

(Bakara 165)

وَمِنَ ٱلنَّاسِ مَن يَتَّخِذُ مِن دُونِ ٱللَّهِ أَندَادًا يُحِبُّونَهُمْ كَحُبِّ ٱللَّهِ ۖ وَٱلَّذِينَ ءَامَنُوٓا۟ أَشَدُّ حُبًّا لِّلَّهِ ۗ وَلَوْ يَرَى ٱلَّذِينَ ظَلَمُوٓا۟ إِذْ يَرَوْنَ ٱلْعَذَابَ أَنَّ ٱلْقُوَّةَ لِلَّهِ جَمِيعًا وَأَنَّ ٱللَّهَ شَدِيدُ ٱلْعَذَابِ

**2-Kiçi şirk**, bu bolsa riýa(1).

Allah Tagala aýtdy:

**"Kim Perwerdigärine duşmagy umyt edýän bolsa, ýagşy (sogap) iş etsin hem-de Perwerdigärine gulluk (ybadat) etmekde (Oňa) hiç kimi şärik goşmasyn!"**

(Kahf 110)

فَمَن كَانَ يَرْجُوا۟ لِقَآءَ رَبِّهِۦ فَلْيَعْمَلْ عَمَلًا صَٰلِحًا وَلَا يُشْرِكْ بِعِبَادَةِ رَبِّهِۦٓ أَحَدًۢا

**3-Gizlin şirk.**

Buňa Allahyň resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) sözi delildir:

**"Şirk ymmatymda garaňky kijäniň içinde gara daşda asda ýöräp gelýän garynjadanam has gizlindir"**

(Tirmizi, Ahmed we Jamygyul-Sahyh)

"الشِّرْكُ فِي هَذِهِ الأُمَّةِ أَخْفَى مِنْ دَبِيبِ النَّمْلِ عَلَى الصَّفَاةِ السَّوْدَاءِ فِي ظُلْمَةِ اللَّيلِ"

(1) Allah üçin edilmedik, il gözi üçin ýada dili üçin edilen amal.

# 46-Ýazgydyň ähli haýry we şeri Allahdanmy ýada ýok?

(Hawa), ýazgydyň ähli haýry we şeri Allahdan.

Aly (Razyýallahu anhu) aýtdy:

**“Gardagyň bakygynda jynazada wagtymyz, Allahyň resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) gelip oturdy, biz hem daşynda jemlenşip oturdyk. Elinde bolsa çöp bardy, ýüzi ýere salyngy, çöpi bilen ýer gorjalap duran halyndan soňra: “Allah siziň her biriňiziň we her bir jan üfleneniň Jennetdäki we Otdaky ýerni we bagtly bolmalymy, ýa betbagt bolmalymy ýazandyr.”diýdi, biri: “Onda amallarmyzy terk edip, ýazgydamyza görä oturybereliňmi?”diýip sorady. Allahyň resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “(Ýok), Kim bagtlylardan (diýilip ýazylan) bolsa, bagtlylaryň (Allaha boýun bolup Jennete girjekleriň) amalyny eder we kim betbagtlardan (diýilip ýazylan) bolsa, betbagtlylaryň (Allaha boýun bolman Oda girjekleriň) amalyny eder.” diýip, Kurandan şu aýatlary okady: “Kim (emlägini Allahyň ýolunda) sarp etse, günälerden saklansa we iň gowyny (Allahyň birligini) tassyklasa, Biz oňa iň aňsady (jenneti) miýesser ederis. Ýöne kim husyt bolup, özüni hiç zada mätäç hasaplamasa we ol iň ýagşyny (Allahyň birligini) ýalan hasaplasa, ony iň kyna (dowzaha) salarys.”[1]**

(Buhary we Muslim)

**عَنْ عَلِيٍّ، قَالَ: كُنَّا فِي جَنَازَةٍ فِي بَقِيعِ الْغَرْقَدِ، فَأَتَانَا رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ، فَقَعَدَ وَقَعَدْنَا حَوْلَهُ وَمَعَهُ مِخْصَرَةٌ، فَنَكَّسَ، فَجَعَلَ يَنْكُتُ بِمِخْصَرَتِهِ، ثُمَّ قَالَ: " مَا مِنْكُمْ مِنْ أَحَدٍ، مَا مِنْ نَفْسٍ مَنْفُوسَةٍ، إِلَّا وَقَدْ كَتَبَ اللَّهُ مَكَانَهَا مِنَ الْجَنَّةِ وَالنَّارِ، وَإِلَّا وَقَدْ كُتِبَتْ شَقِيَّةً أَوْ سَعِيدَةً ". قَالَ: فَقَالَ رَجُلٌ: يَا رَسُولَ اللَّهِ، أَفَلَا نَمْكُثُ عَلَى كِتَابِنَا، وَنَدَعُ الْعَمَلَ؟ فَقَالَ: مَنْ كَانَ مِنْ أَهْلِ السَّعَادَةِ فَسَيَصِيرُ إِلَى عَمَلِ أَهْلِ السَّعَادَةِ، وَمَنْ كَانَ مِنْ أَهْلِ الشَّقَاوَةِ فَسَيَصِيرُ إِلَى عَمَلِ أَهْلِ الشَّقَاوَةِ. فَقَالَ: " اعْمَلُوا؛ فَكُلٌّ مُيَسَّرٌ، أَمَّا أَهْلُ السَّعَادَةِ فَيُيَسَّرُونَ لِعَمَلِ أَهْلِ السَّعَادَةِ، وَأَمَّا أَهْلُ الشَّقَاوَةِ فَيُيَسَّرُونَ لِعَمَلِ أَهْلِ الشَّقَاوَةِ ". ثُمَّ قَرَأَ: " {فَأَمَّا مَنْ أَعْطَى وَاتَّقَى} {وَصَدَّقَ بِالْحُسْنَى} {فَسَنُيَسِّرُهُ لِلْيُسْرَى} {وَأَمَّا مَنْ بَخِلَ وَاسْتَغْنَى} {وَكَذَّبَ بِالْحُسْنَى} {فَسَنُيَسِّرُهُ لِلْعُسْرَى}".**

Başga hadysda:

---

(1) (Leýl 5-10)

**“Amal (Ybadat) ediň, her kime ýenilledilendir, bagtlylara (Jennete girjeklere) bagtlylaryň amaly ýeňilledilendir, emma betbagtlara (Oda girjeklere) betbagtlaryň amaly ýeňilledilendir” diýip ýokarky aýatlary okady”**

**"اعْمَلُوا ؛ فَكُلٌّ مُيَسَّرٌ، أَمَّا أَهْلُ السَّعَادَةِ فَيُيَسَّرُونَ لِعَمَلِ أَهْلِ السَّعَادَةِ، وَأَمَّا أَهْلُ الشَّقَاوَةِ فَيُيَسَّرُونَ لِعَمَلِ أَهْلِ الشَّقَاوَةِ ". ثُمَّ قَرَأَ: {فَأَمَّا مَنْ أَعْطَى وَاتَّقَى} {وَصَدَّقَ بِالْحُسْنَى} {فَسَنُيَسِّرُهُ لِلْيُسْرَى} {وَأَمَّا مَنْ بَخِلَ وَاسْتَغْنَى} {وَكَذَّبَ بِالْحُسْنَى} {فَسَنُيَسِّرُهُ لِلْعُسْرَى} ".**

# 47-“Lä ilähe illallah” şahadanyň manysy näme?

Jogap:

Manysy: “Allahdan başga ybadata hakly, laýyk, mynasyp hiç bir iläh (ybadat edilýän) ýokdur”

Buňa delil Allah Tagalanyň aýdan sözi:

**“Seniň Perwerdigäriň Özünden başga ybadat etmesizligiňizi we ene-atańyza ýagşylyk etmegiňizi emir etdi.”**

(Isro 23)

وَقَضَىٰ رَبُّكَ أَلَّا تَعْبُدُوٓا۟ إِلَّآ إِيَّاهُ وَبِٱلْوَٰلِدَيْنِ إِحْسَـٰنًا ۚ

**“ybadat etmesizligiňizi”** manysy- ybadata hakly, laýyk, mynasyp hiç bir iläh (ybadat edilýän) ýokdur

**“Özünden başga”** manysy- Allahdan başga.

## 48-Allahyň, bendelerine namazdan we rozadan ozal parz eden tewhidi näme?

Jogap:

Ol, Allahy ybadatda birlemek, diňe Oňa ybadat etmek we Ondan başga ybadat edilmegi inkär etmek. Ondan başgany pygamber bolsun ýada pygamberden başga bolsun çagyrylmasyzlyk, Ondan başgadan doga edilmesizlik, Allah Tagalanyň aýdyşy ýaly:

**"Takyk, metjitler Allahyňkydyr. Bes, (metjitlerde) Allahyň ýany bilen başga hiç kimi çagyrmaň!"**

(Jyn 18)

وَأَنَّ ٱلْمَسَٰجِدَ لِلَّهِ فَلَا تَدْعُوا۟ مَعَ ٱللَّهِ أَحَدًا

## 49-Sabyr edýän garyp has gowymy ýada şükür edýän baý, sabyr etmek we şükür etmek näme?

Jogap:

Baý- garyp meselesinde, sabyr eýän we şükür edýän ikisi hem möminleriň iň haýyrlysy, has gowysa Allah Tagalanyň aýdyşy ýaly has takwalyk edýäni:

**"Siziň Allahyň ýanynda iň hormatlyňyz has takwa bolanyňyzdyr"**

(Hujurot 13)

إِنَّ أَكْرَمَكُمْ عِندَ ٱللَّهِ أَتْقَىٰكُمْ

Alymlaryň arasynda sabyr we şükür şeýle görnüşde açyklanmaklyk giňden ýaýran:

Sabyr- çydamak, takat etmek.

Şükür- Allahyň saňa beren nygmatlaryndа boýun bolmak.

# 50-Maňa näme wesýet etýän?

Jogap:

Saňa wesýet edýän zadym we ündeýänim şular:

Tewhidi öwrenmek, tewhid kitaplaryny okamak, sebäbi beýle etmek bilen Allahyň, resullary bilen ugradan tewhidi we Allahyň we resullaryň haram eden, hiç haçan bagyşlamajak, ony eden hiç haçan Jennete girmejek we ähli amaly puja çykarjak şirki saňa açyk aýdyň bolar. Iň esasy zat, Allahyň, resulyny adamlara öwretmek üçin ugradan tewhidini bilmek, tewhid bilen kişi musulman bolýar we şirkden we şirk edýänlerde daşlaşar.

Maňa, Allahyň şo zadyň üsti bilen peýda berjek zady ýaz!

Ilkinjilik bilen, Muhammedin (Sallallahu aleýhi we sellem) Allahdan getiren zadyna ýapyş, sebäbi onuň (Sallallahu aleýhi we sellem) getiren zady, Allahdan gelen adamlaryň mätäj bolan ähli zady, Allaha we Jennetine golaýlaşdyrýan ýeke zadam taşlaman, ählisini emir etdi we Allahdan daşlaşdyrýan, azabyna golaýlaşdyrýan zatlaryň ählijesini gadagan etdi we ählijesinden ägälendirdi. Muhammet (Sallallahu aleýhi we sellem) iberleninden soňra hiç kime uzur, bahana ýokdyr, sebäbi Allah Tagala doly görnüşde delilleri kyýamat gününe deneç dikeltdi .

Allah Tagala aýtdy:

**“Takyk, Biz, Nuha we ondan soňky pygamberlere wahyý edişimiz ýaly, saňa-da wahyý etdik. Ybraýyma, Ysmaýyla, Yshaka, Ýakuba we neberesine, Isa, Eýýuba, Ýunusa, Haruna we Süleýmana (hem) wahyý inderdik. Dawuda hem Zebury berdik. Saňa (kyssalaryny) öň aýdyp beren ençeme ilçilerimizi, (şeýle hem) saňa (kyssalaryny) öň aýdyp bermedik ençeme ilçilerimizi (iberdik). Allah Musa bilen sözleşip gepleşdi. Ilçiler (gelip, dogry ýol äşgär edilenden) soň, ynsanlarda Allaha garşy (öňe sürüp biljek hiç bir) bahanalary**

**bolmazlygy üçin, (Biz ol) ilçileri (rahmetimizi) buşlaýjylar we (gazabymyzy) duýduryjylar edip (iberdik). Allah Gudraty güýçlüdir, hikmet eýesidir”**

(Nisa 163-165)

۞إِنَّآ أَوۡحَيۡنَآ إِلَيۡكَ كَمَآ أَوۡحَيۡنَآ إِلَىٰ نُوحٖ وَٱلنَّبِيِّـۧنَ مِنۢ بَعۡدِهِۦۚ وَأَوۡحَيۡنَآ إِلَىٰٓ إِبۡرَٰهِيمَ وَإِسۡمَٰعِيلَ وَإِسۡحَٰقَ
وَيَعۡقُوبَ وَٱلۡأَسۡبَاطِ وَعِيسَىٰ وَأَيُّوبَ وَيُونُسَ وَهَٰرُونَ وَسُلَيۡمَٰنَۚ وَءَاتَيۡنَا دَاوُۥدَ زَبُورٗا ١٦٣ وَرُسُلٗا قَدۡ
قَصَصۡنَٰهُمۡ عَلَيۡكَ مِن قَبۡلُ وَرُسُلٗا لَّمۡ نَقۡصُصۡهُمۡ عَلَيۡكَۚ وَكَلَّمَ ٱللَّهُ مُوسَىٰ تَكۡلِيمٗا ١٦٤ رُّسُلٗا مُّبَشِّرِينَ
وَمُنذِرِينَ لِئَلَّا يَكُونَ لِلنَّاسِ عَلَى ٱللَّهِ حُجَّةُۢ بَعۡدَ ٱلرُّسُلِۚ وَكَانَ ٱللَّهُ عَزِيزًا حَكِيمٗا

Allahdan gelen zatlaryň iň beýigi we adamlara ilkinji emir edilen zady şärigi bolmadyk ýeke Allahy ybadatda birlemek, dini hem diňe Onuň razylygy üçin tutmak, edil Allahyň aýdyşy ýaly:

**“Eý, dona bürenen (pygamber)! Ýeriňden tur we (halka) duýdur (ýetir)! Perwerdigäriň beýikligini taryp et!”**

(Muddassir 1-3)

يَٰٓأَيُّهَا ٱلۡمُدَّثِّرُ ١ قُمۡ فَأَنذِرۡ ٢ وَرَبَّكَ فَكَبِّرۡ

**“Perwerdigäriň beýikligini taryp et!”** manysy: Robbuňy ybadatda birlemek bilen beýgelt, Oňa hiç bir şärik tutman ýeke Özüne arassa ybadat et. Bu bolsa, namaz, roza , zekat, haj we yslamyň beýleki şygarlaryndan hem öň emir edildi.

**“Ýeriňden tur we (halka) duýdur (ýetir)!”** manysy: Şärigi bolmadyk ýeke Allaha ybadatda şärik goşulmaýanyny duýdur. Bu bolsa, zyna, ogurlyk, söýthorlyk, adamlara zulum we beýleki uly günaleri edilmekden hem öň duýduryldy.

Bu bolsa Diniň esaslarynyň has beýigi we has uly parzy, şu sebäpli Allah Tagala mahlukary ýaratdy, Allahyň aýdyşy ýaly:

**“Men jynlary we ynsanlary diňe Özüme ybadat etmeklerinden başga (zat üçin) ýaratmadym”**

(Zariýat 56)

وَمَا خَلَقۡتُ ٱلۡجِنَّ وَٱلۡإِنسَ إِلَّا لِيَعۡبُدُونِ

Şu sebäpli, Allah resullary iberdi, kitaplar inder, Allahyň aýdyşy ýaly:

**“Kasam bolsun! Biz her ymmata: «Allaha gulluk (ybadat) ediň, tagutdan (Allahdan başga ybadat edilýänden) daş boluň!» (diýip) resul (ilçi) iberdik.”**

(Nahl 36)

وَلَقَدۡ بَعَثۡنَا فِي كُلِّ أُمَّةٖ رَّسُولًا أَنِ ٱعۡبُدُواْ ٱللَّهَ وَٱجۡتَنِبُواْ ٱلطَّٰغُوتَۖ

Şu sebäpli adamlar musulmana we kapyra bölündi. Kim kyýamat güni Allaha hiç bir zady şärik goşman duşsa Jennete girer, kim adamlaryň has ybadat köp edýäni bolsada Oňa bir zady şärik goşup duşsa Oda girer. Bu bolsa, “Lä ilähe ilallah”yň manysy, sebäbi diňe Iläh (Allah) çagyrylýar, diňe Ondan haýyr bermegi ýada şeri dep etmegi üçin umyt edilýär, diňe Ondan gorkulýar we diňe Oňa bil baglanylýar.

وصلى الله على عبده ورسوله محمد وعلى آله وصحبه ومن تبعه إلى يوم الدين وسلم تسليما

Birinji çap.

Ähli soraglary: Pygambermirasy1@gmail.com elektron poçtanyn üsti bilen berip bilersiňiz.